**Türkmenistanyň Prezidentiniň**
**2026-njy ýylyň 13-nji aprelinde**
**çykaran 1776-njy karary bilen**
**tassyklandy**

# Türkmenistanyň ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça 2026–2028-nji ýyllar üçin HEREKETLERIŇ MEÝILNAMASY

## I bap. Giriş

Türkmenistanyň ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça 2026–2028-nji ýyllar üçin Hereketleriň meýilnamasy (mundan beýläk – Hereketler meýilnamasy) «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna», «Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2026–2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna», «Bitarap Türkmenistanyň 2022–2028-nji ýyllar üçin daşary syýasy ugrunyň Konsepsiýasyna», Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklaryny ösdürmegiň maksatnamalaryna, «Daşary ykdysady iş hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

Hereketler meýilnamasy Türkmenistanyň ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyny yzygiderli pugtalandyrmak boýunça möhüm wezipeleri we çäreleri öz içine alýar.

Ykdysady ugurdaky halkara guramalary ýurtlaryň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlygy halkara derejesinde utgaşdyrmak we düzgünleşdirmek maksady bilen döredilen birleşikler bolup, Türkmenistan öz öňünde bu guramalar bilen gatnaşyklary täze kämil derejede guramagy we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagy möhüm wezipe edinýär.

Ykdysady ugurdaky halkara guramalary dünýä ykdysadyýetiniň durnuklylygyny we ösüş depginini üpjün etmekde, maýa goýum işjeňligini giňeltmekde, şeýle hem bütindünýä we sebitleýin ykdysady meseleleri çözmekde esasy möhüm orny eýeleýärler.

Dünýä ýurtlary tarapyndan döredilen bu birleşikler ykdysady syýasaty utgaşdyrmak, halkara söwdany düzgünleşdirmek we maliýe durnuklylygyny saklamak bilen bir hatarda, durnukly ösüş, intellektual eýeçilik hukuklarynyň goragy, howanyň üýtgemeginiň öňüni almak hem-de ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak ýaly ählumumy meseleler boýunça döwletleriň özara hyzmatdaşlygyny we bilelikdäki işjeňligini üpjün edýärler.

Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy, Bütindünýä söwda guramasy ýaly abraýly halkara guramalary dünýä ýurtlaryna ykdysady çökgünlikleriň öňüni almakda, söwda jedellerini netijeli çözmekde, harytlaryň we hyzmatlaryň erkin akymyny üpjün etmekde, şeýle hem milli ykdysadyýetleri ösdürmäge gönükdirilen göni maýa goýumlaryny çekmekde ýakyndan ýardam edýärler.

Mundan başga-da, ykdysady ugurdaky guramalar intellektual eýeçiligiň hukuklaryny goramakda, halkara ülňülerini we kadalaryny ösdürmekde, howanyň üýtgemegi, ilatyň hal-ýagdaýy we durmuş taýdan deňsizlik ýaly bütindünýä wehimlerine garşy durmak ýaly meselelerde ähmiýetli orny eýeleýärler. Bu guramalar dünýä ýurtlaryna netijeli maliýe we tehniki goldawy üpjün edýärler, bu bolsa, ösüp barýan ýurtlara dünýä bazarynda ýüze çykýan üýtgeşmelere has çalt uýgunlaşmaga, infrastrukturany kämilleşdirmäge we ýaşaýyş-durmuş abadançylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Bu guramalaryň ýakyndan ýardam etmekleri ýurtlaryň arasynda durnukly gatnaşyklaryň kemala gelmegine, has adalatly söwda şertleriniň işlenip düzülmegine we bütin dünýäde ykdysady ösüşiň umumy derejesiniň ýokarlanmagyna itergi berýär.

Ykdysady ugurdaky halkara guramalarynyň maksatlary we wezipeleri ykdysady ösüşi gazanmaga, durnuklylygy saklamaga, ýurtlaryň arasynda söwdany we ösüşi üpjün etmek üçin amatly gurşawy kemala getirmäge gönükdirilendir.

Bu guramalaryň öňünde durýan baş maksatlaryň biri-de bütin dünýäde maliýe durnuklylygy saklamakdan we ykdysady çökgünlikleriň öňüni almakdan ybaratdyr. Bu maksatlara dünýä ýurtlarynda emele gelen ykdysady ýagdaýlara berk syn etmek, karzlary we tehniki kömekleri bermek, şeýle-de makroykdysady syýasat bilen bagly netijeli teklipleri işläp taýýarlamak arkaly ýetilýär.

Bu guramalar harytlary, hyzmatlary özara alyşmak boýunça düzgünleri we ülňüleri işläp taýýarlamak, adalatly bäsdeşlik gurşawyny kemala getirmek arkaly halkara söwdany netijeli ösdürmäge we dürli päsgelçilikleri azaltmaga ýardam berýärler. Ýurtlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary berkitmekde hem-de syýasatlary özara utgaşdyrmakda ýakyndan ýardam bermek bilen, bu guramalar ykdysady giňişlikde özara goşulyşmany üpjün etmekde möhüm orna eýe bolýarlar, munuň özi bazara girmegi aňsatlaşdyrýar we ykdysady işjeňligi höweslendirýär.

Durnukly ösüş we ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak hem ykdysady ugurdaky halkara guramalarynyň esasy maksatlarynyň biridir. Ykdysady ugurdaky halkara guramalary infrastruktura, bilim we saglyk taslamalaryny maliýeleşdirýärler, ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalara geçmegi goldaýarlar we ýurtlara ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga kömek edýärler. Şeýle hem, önümçiligiň hilini üpjün edýän halkara standartlaryny işläp taýýarlamaga we intellektual eýeçiligiň hukuklaryny goramaga uly üns berýärler.

Mundan başga-da, ykdysady ugurdaky halkara guramalary ýurtlaryň arasyndaky gapma-garşylyklary çözmegiň usullaryny döretmek arkaly ykdysady we söwda jedelleriniň parahatçylykly çözülmegine kömek edýärler. Munuň özi durnukly ykdysady gatnaşyklary ýakyndan goldamaga mümkinçilik berýär, bütindünýä söwdanyň we maýa goýumyň deslapdan çaklarlykly bolmagyny üpjün edýär.

Türkmenistan dünýä bileleşiginiň jogapkär agzasy bolup, amala aşyrýan daşary syýasy ugry bilen halkara gatnaşyklaryny döredijilikli esasda guramagyň tarapdary hökmünde ýakyn ýyllarda bütindünýä we sebitleýin ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen gatnaşyklaryny we hyzmatdaşlygy yzygiderli pugtalandyrmagy maksat edinýär.

«Ýaşyl we aýlawly (sirkulýar) ykdysadyýete» geçmek, «döredijilikli ykdysadyýeti» döretmek, energiýa, ulag, sanly tehnologiýalar, daşky gurşawy goramak, suw üpjünçiligi, ýeňillikli maliýeleşdiriş şertleri we taslamalary tehniki taýdan goldamak ýaly meseleler ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlär.

Türkmenistan ykdysady ugurdaky halkara guramalarynyň ulgamyna we işine işjeň goşulmagy meýilleşdirýär, bu bolsa beýleki döwletler bilen bir hatarda ýurdumyza ählumumy ykdysady meseleleri, şol sanda howanyň üýtgemegi, ilatyň hal-ýagdaýy we deňsizlik ýaly meseleleri çözmäge, hyzmatdaşlyk etmek, bilim alyşmak hem-de möhüm ykdysady meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin halkara meýdançalaryna işjeň gatnaşmaga şert döreder hem-de aýry-aýry ýurtlar hem-de halkara ykdysady guramalary bilen hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga itergi berer.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy, ilkinji nobatda, bu guramalarda agzalygynyň ýa-da hyzmatdaşlygynyň berýän mümkinçiliklerinden we artykmaçlyklaryndan netijeli peýdalanmaga gönükdirilendir, şeýle hyzmatdaşlyk bolsa, ýurduň möhüm maksatnamalary we taslamalary üçin diňe bir maliýe-ykdysady bähbit gazanmak bilen çäklenmän, dünýä ykdysadyýetinde milli bähbitleri has netijeli durmuşa geçirmäge gönükdirilen wezipeleriň bitewi toplumyny özünde jemleýär.

## II bap. Hereketler meýilnamasynyň maksatlary we wezipeleri

Hereketler meýilnamasyny kabul etmek bilen, Türkmenistan ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze derejä çykarmak, halkara ykdysady hyzmatdaşlygyň şertlerini we ölçeglerini has-da gowulandyrmak, dünýä ykdysadyýetinde we söwda syýasatynda özüniň eýeleýän ornuny yzygiderli ýokarlandyrmak, depginli ösýän we geljegi uly bazarlarda ýurduň gatnaşygyny berkitmek, döwrebaplaşdyryş we innowasion ösüş meselelerini üstünlikli çözmek arkaly milli ykdysadyýet üçin möhüm oňyn netijeleri gazanmak maksadyny öňde goýýar.

Hereketleriň meýilnamasy ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösdürmek üçin ileri tutulýan işleri guramak, şeýle hem ýurduň degişli ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň we olaryň düzüm birlikleriniň bu ugurdaky işlerini utgaşdyrmak boýunça çäreleri öz içine alýar.

Türkmenistanda senagat we innowasion ösüş, «ýaşyl, aýlawly (sirkulýar) we sanly ykdysadyýete» geçişi üpjün etmek, ýokary tehnologiýaly, ylmy talap edýän pudaklary kemala getirmek, energiýa we mineral baýlyklary tygşytly peýdalanmak, ulag we logistika zynjyrlaryny pugtalandyrmak ykdysady ösüşi üpjün etmegiň ileri tutulýan strategik maksatlary bolup durýar.

Ýurduň senagat-innowasiýa ösüşiniň strategiýasy giň halkara hyzmatdaşlygynyň esasynda milli ykdysadyýeti hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilendir.

Bu meseleleriň üstünlikli çözülmegi ykdysady ugurdaky abraýly halkara guramalary bilen bir hatarda, giň halkara hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagyny we ösdürilmegini göz öňünde tutýar.

Dünýä we sebit ýagdaýlarynyň ýokary depginde üýtgeýän häzirki şertlerinde Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan öňe sürülýän daşary ykdysady başlangyçlar halkara derejesinde, aýratyn hem, ykdysady ugurdaky halkara guramalarynyň meýdançasynda ulgamlaýyn esasda ilerletmegiň, netijeli durmuşa geçirmegiň we giňden dünýä ýaýmagyň zerurlygy artýar.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen işjeňligini artdyrmak üçin, ýurdumyz we dünýä jemgyýetçiligi üçin anyk oňyn netijeleri gazanmagyň amaly maksadalaýyklygyndan we ulgamlaýyn seljermelerden ugur alyp, toplumlaýyn işleri ýola goýýar.

Umumylaşma şertlerinde ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge manyly we ulgamlaýyn çemeleşilmegi ýurdumyzyň uzakmöhletleýin durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmekde aýratyn ähmiýete eýe bolýar hem-de ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen ýola goýulýan ýakyn gatnaşyklar milli ykdysadyýetiň dünýä giňişligine sazlaşykly goşulyşmagyna giň mümkinçilikleri berýär.

Hereketler meýilnamasy ýurdumyzyň ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen gatnaşyklaryny hil taýdan täze, mazmun taýdan has giň derejelere çykarmagy maksat edinýändigine, şeýle hem ýurdumyzyň ileri tutýan bähbitlerine we alyp barýan daşary syýasy ugruna doly laýyk gelýändigine şaýatlyk edýär.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) Ykdysady we Durmuş Geňeşi (ECOSOC), BMG-niň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasy (UNCTAD), BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy (UNECE), BMG-niň Aziýa we Ýuwaş Umman sebitleri boýunça Ykdysady we durmuş komissiýasy (ESCAP), Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy (OECD), Bütindünýä söwda guramasy (WTO), Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasy (WIPO), Halkara energetika agentligi (IEA), Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy (ECO), GDA-nyň Ykdysady Geňeşi, Halkara ýol ulaglary bileleşigi (IRU), Raýat awiasiýasynyň halkara guramasy (ICAO), Demir ýol ulaglaryň halkara birleşigi (UIC), Gaýtadan dikeldilýän energiýanyň çeşmeleri boýunça halkara agentligi (IRENA), Bütindünýä gümrük guramasy (WCO) ýaly halkara guramalary bilen has işjeň we ýokary netijeli hyzmatdaşlyk etmegi maksat edinýär.

Türkmenistan ykdysady ugurdaky halkara guramalarynyň ýurdumyzda alyp barýan işleriniň gerimini geljekde has-da giňeltjekdiklerine hem-de ykdysady syýasat we mümkinçilikleri artdyrmak babatda maslahat bermekligi dowam etdirjekdiklerine, makroykdysady dolandyryşyň we hususy bölegiň mümkinçiliklerini artdyrmagyň esasynda uzakmöhletli durnukly ösüşi goldamak boýunça ýardam berjekdiklerine ynanýar.

Türkmenistan «ýaşyl we aýlawly (sirkulýar)» ykdysadyýete geçişi üpjün etmek, milli ykdysadyýeti ylma esaslanýan we senagat taýdan ösen ykdysadyýete öwürmek, şeýle hem daşky gurşawa ýetirilýän ýaramaz täsiri azaltmak babatda ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen ýakyn hyzmatdaşlygy dowam etdirmegi maksat edinýär.

Ýurdumyz ykdysady ugurdaky halkara guramalarynyň metan zyňyndylaryny azaltmak, energiýa we suw tygşytlaýyş tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, gaýtadan dikeldilýän energiýanyň

çeşmeleri boýunça doly kuwwatly ulgamy döretmek, hususy pudagy ösdürmek, suw üpjünçilik we beýleki wajyp ugurlarda alyp barýan hyzmatdaşlygyny ösdürmek baradaky tagallalaryny ileri tutýar hem-de goldaýar. Türkmenistan ýurtda «döredijilikli ykdysadyýeti» döretmek boýunça hyzmatdaşlyk etmek ugrunda gepleşikleri geçirmäge açykdyr we taýýardyr.

Ýurdumyz milli bähbitlerden ugur alyp, ykdysady ugurdaky halkara guramalary tarapyndan öňe sürülýän ählumumy we sebitleýin başlangyçlara hem-de taslamalara işjeň gatnaşar, köptaraplaýyn halkara konwensiýalaryna we şertnamalaryna goşulyşmak boýunça işleri yzygiderli alyp barar.

Döwletimiz ykdysady ugurdaky halkara guramalarynyň Türkmenistanyň Bütindünýä söwda guramasyna agza bolmak ugrunda alyp barýan işlerini ozalkysy ýaly işjeň goldamaklaryna, bu ugurda tehniki we maslahat beriş goldawlaryň berilmegine, şeýle hem gepleşikleri geçirmek üçin hünärmenleri taýýarlamakda işjeň gatnaşmaklaryna bil baglaýar.

Türkmenistan özüniň energiýa we ulag pudaklaryndaky halkara başlangyçlarynyň we sebitleýin taslamalarynyň ykdysady ugurdaky halkara guramalary tarapyndan işjeň goldanylmagynyň dowam etdirilmegine, şol sanda bu başlangyçlary we taslamalary durmuşa geçirmekde zerur bolan maliýe we tehniki kömekleriň berilmegine umyt edýär.

## III bap. Halkara hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlary

Ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen ýakyn hyzmatdaşlygyň ösmegi bilen, ýurdumyz şu aşakdaky ugurlar boýunça zerur işleri geçirer:

1) dürli harytlaryň we hyzmatlaryň eksportyny höweslendirmek boýunça döwlet maksatnamalaryny goldamak, şol sanda halkara bazary öwreniş we önümleriň söwdasyny daşary ýurt bazarlarynda ilerletmek boýunça maslahat beriş hyzmatlaryny ýerine ýetirmek, esasan hem «Türkmenistanda öndürilen» ýazgyly umumy brendini daşary ýurt bazarlarynda giňden tanatmak boýunça maslahat bermek;

2) Türkmenistanyň daşary söwdasynyň möçberlerini artdyrmaga ýardam edýän söwda ulgamlaryny ösdürmek;

3) Türkmenistanyň eksport işjeňligini ösdürmäge gatnaşmaga isleg bildirýän kiçi we orta kärhanalar üçin ýörite maksatnamalaryň hem-de ýeňillikleriň kabul edilmegini goldamak;

4) daşary söwdanyň görnüşlerini giňeltmek hem-de onuň möçberlerini has-da artdyrmak boýunça innowasion gurluşlary we gurallary ornaşdyrmak;

5) milli önümleri öňe sürmek üçin sanly ulgamlary, hil standartlaryny hem-de öndürilen önümleriň halkara talaplaryna laýyk gelmegi üçin sertifikatlaşdyryş ulgamyny ornaşdyrmak;

6) ýerli eksport edijiler üçin rugsat beriş amallaryny ýönekeýleşdirmek işine ýardam bermek;

7) ýurduň içindäki önümçiliklere täze öňdebaryjy tehnologiýalary çekmek;

8) maglumat tehnologiýalary ulgamynda, aýratyn hem, ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak babatynda halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek we giňeltmek;

9) ählumumy sanlylaşdyrmak işine işjeň gatnaşyja öwrülmekde ýurduň mümkinçiliklerini doly derejede ösdürmek;

10) milli bähbitlerden ugur alyp, maglumat tehnologiýalary ulgamynda ählumumy gün tertibini emele getirmäge täsir etmek üçin, Türkmenistanyň bütindünýä ylmy-tehnologik hyzmatdaşlyk boýunça halkara guramalaryna we halkara ylalaşyklaryna işjeň gatnaşmagyny gazanmak;

11) maglumat tehnologiýalary ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmak we ösdürmek üçin milli kanunçylygy kämilleşdirmek, şeýle hem höweslendiriji çäreleri ornaşdyrmak;

12) maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ulanylanda ulgamyň howpsuzlygyny üpjün etmek;

13) milli ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmak;

14) emeli aň, uly maglumat binýady (Big Data), kwant tehnologiýalary we kiberhowpsuzlyk ulgamlarynyň ornaşdyrylmagyna ýardam bermek;

15) maglumat tehnologiýalary ulgamynda ýerli başlangyçlara (startup) we innowasion taslamalara goldaw bermek hem-de olar üçin amatly ekoulgamy döretmek, şol sanda daşarky bazarlara çykmagyň düzgünlerini ýönekeýleşdirmek;

16) ýurtda daşary ykdysady işi üpjün etmäge ukyply sanly hyzmatlar ulgamyny ösdürmek;

17) halkara söwdasynda elektron täjirçiligi, şol sanda sanly meýdançalar arkaly söwdany işjeň ulanmaga we özleşdirmäge goldaw bermek hem-de halkara elektron söwdany düzgünleşdirýän milli kanunçylygy kämilleşdirmek;

18) serhetýaka söwdany işjeň ornaşdyrmaga we bu maksatlar üçin degişli söwda gurluşyny döretmäge ýardam bermek;

19) halkara energetika bazarlarynyň hereket etmeginiň ählumumy kadalaryny işläp taýýarlamakda Türkmenistanyň ornuny has-da ýokarlandyrmak;

20) sebitleýin we ähinumumy energetika howpsuzlygyny pugtalandyrmak, energiýa serişdelerini öndüriji, üstaşyr geçiriji we sarp ediji ýurtlaryň bähbitleriniň deňagramlylygyny gazanmak hem-de olary eksport etmegiň diwersifisirlenen, durnukly we howpsuz ugurlaryny döretmek boýunça hyzmatdaşlygy güýçlendirmek;

21) ýangyç-energetika pudagyny sanlylaşdyrmak we oňa energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmak meselesinde goldaw bermek;

22) metan zyňyndylaryny azaltmak ugrundaky hyzmatdaşlygy giňeltmek babatynda alnyp barylýan tagallalary işjeň dowam etdirmek;

23) degişli halkara şertnamalarynyň çäklerinde Türkmenistanyň uglewodorod serişdelerine baglylygyny pese düşürmek boýunça borçnamalaryny göz öňünde tutmak bilen, ösüş taslamalaryny meýilleşdirmekde we durmuşa geçirmekde ekologiýa ýetirilýän zyýany azaltmak ugrunda hyzmatdaşlygy berkitmek;

24) gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini, esasan-da, gün we ýel energiýasy pudagyny ösdürmek;

25) Türkmenistany ýokary derejede senagatlaşan döwlete öwürmek boýunça maslahat bermek üçin ykdysady ugurdaky halkara guramalarynyň çekilmegini dowam etdirmek;

26) Türkmenistanyň sebitleýin we ählumumy ulag ulgamyna sazlaşykly goşulyşmagyny gazanmak hem-de milli ykdysadyýetiň üstaşyr geçirijilik mümkinçiligini durmuşa geçirmek;

27) sebitleýin we yklym ähmiýeti bolan täze üstaşyr ýollary emele getirmegiň çäklerinde Ýewropa we Aziýa ugurlary boýunça halkara ulag geçelgelerini ösdürmegiň umumy strategiýasyny işläp taýýarlamaga Türkmenistanyň gatnaşmagyny üpjün etmek;

28) «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» strategiýasyna we «açyk asman» düzgüniniň ornaşdyrylmagyna esaslanyp, Türkmenistany Gündogar–Günbatar we Demirgazyk–Günorta gatnaw ýollarynyň ugurlarynda yklym üsti esasy ulag-üstaşyr we logistika merkezine öwürmek boýunça işleri dowam etdirmek;

29) Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlary esasynda öňe sürlen üstaşyr-logistika taslamalaryny halkara guramalarynyň meýdançalarynda ilerletmek, ýurt üçin bähbitli halkara ulag bileleşiklerini emele getirmek;

30) Türkmenistanda ulag geçelgeleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny we özüne çekijiligini ýokarlandyrmak arkaly Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky ulag akymlarynyň köp bölegini ýurduň üstaşyr geçelgelerine gönükdirmek babatda halkara guramalarynyň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmak;

31) Türkmenistanyň köp görnüşli (multimodal) ulag geçelgeleriniň goňşy döwletleriň ulag ulgamlary bilen özara baglanyşygyny üpjün etmek;

32) ulag-logistika infrastrukturasyny ösdürmek boýunça taslamalar meýilleşdirilende we durmuşa geçirilende ekologiýa ýetirilýän zyýany azaltmak, Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly Ösüş Maksatlaryna ýetmek, şeýle hem Howa boýunça Pariž ylalaşygynyň çäklerindäki Türkmenistanyň uglewodorod serişdelerine baglylygyny pese düşürmek boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmek;

33) ulag-logistika pudagyny meýilleşdirmegiň, ösdürmegiň we ony durmuşa geçirmegiň ähli tapgyrlarynda «ýaşyl» ösüş ýörelgesini işjeň ornaşdyrmak hem-de daşky gurşawy goramagy we adamyň ýaşaýyş-durmuş howpsuzlygyny üpjün etmek;

34) halkara guramalarynyň kömegi bilen işlenip düzülen, ulag hyzmatlarynyň halkara bazarlarynda hereket edýän düzgünlerinden ugur alyp, ulag babatynda kanunçylyk namalaryny, standartlary we ulag resminamalaryny yzygiderli utgaşdyrmak;

35) Türkmenistanyň döwlet serhedinden adamlar, ýükler we ulag serişdeleri geçende resmileşdirmek üçin zerur bolan amallaryň tiz we netijeli ýerine ýetirilmegini üpjün edýän häzirki zaman tehnologiýalaryny işläp düzmek we ornaşdyrmak;

36) gümrük gözegçiliginiň (barlagyň) we gümrük taýdan resmileşdirmegiň düzgünlerini yzygiderli kämilleşdirmek hem-de olary dünýä tejribesine laýyk getirmek;

37) üstaşyr ýükleriň daşalyşyny tizleşdirmek, olaryň goragly saklanmagyny kepillendirmegi üpjün etmek, edilýän hyzmatlaryň hilini umumylykda ýokarlandyrmak maksady bilen, logistika tehnologiýalaryny, maglumat ulgamlaryny hem-de üstaşyr daşamalaryň ähli ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek;

38) halkara konteýner ýük daşamalarynda ulanylýan gümrük tehnologiýalaryny kämilleşdirmek;

39) konteýner ýük daşamalaryna we howply ýüklere gözegçilik ediş (yzyrlamak) ulgamlaryny döretmek, şeýle hem ulag daşamalarynyň ähli gatnaşyjylary üçin hemra aragatnaşygy we nawigasiýa ulgamlarynyň hyzmatlaryny ornaşdyrmak;

40) ulag serişdeleriniň ähli görnüşleriniň ugurdaş we gaýdyşyn ýükli bolmagyny üpjün etmek üçin milli utgaşdyrylan maglumat-habar beriş ulgamyny döretmek;

41) ulag ulgamynda howpsuzlygyň ýokary derejesini üpjün etmek;

42) syýahatçylyk ulgamyny milli ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynyň birine öwürmekde goldawlary bermek;

43) syýahatçylyk işi bilen bagly kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmekde hem-de syýahatçylyk pudagyny ösdürmek üçin amatly şertleri döretmäge gönükdirilen halkara kadalaryny we ülňülerini durmuşa geçirmekde goldaw bermek;

44) milli syýahatçylygy ilerletmek boýunça netijeli strategiýany işläp taýýarlamaga ýardam bermek;

45) ykdysadyýetiň dürli pudaklary üçin zerur bolan ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak, olary gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak;

46) milli ykdysadyýetiň ösmegine goşant goşýan bütindünýä we sebitleýin başlangyçlara we taslamalara işjeň gatnaşmak.

## IV bap. Hereketler meýilnamasyny durmuşa geçirmekden garaşylýan netijeler

Ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk boýunça Hereketler meýilnamasynyň durmuşa geçirilmegi Türkmenistan bilen olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykarylmagyna ýardam eder, hyzmatdaşlygyň esasy ugurlaryny aýdyňlaşdyrmaga we ulgamlaşdyrmaga, milli ykdysadyýetiň bolsa, «ýaşyl we aýlawly (sirkulýar) ykdysadyýete» çalt geçmegine ýardam berer.

Hereketler meýilnamasynyň amala aşyrylmagy Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklaryna has mazmunly häsiýet berer, milli ykdysadyýete daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge, döwrebap öňdebaryjy tehnologiýalary giňden ornaşdyrmaga, eksport ugurly önümçiligi ösdürmäge ýardam eder, şeýle hem ýurduň halkara abraýynyň berkemegini üpjün eder.

Munuň özi Türkmenistanyň bütindünýä ykdysady giňişligine sazlaşykly goşulyşmagynyň has netijeli ugurlaryny kesgitlemekde işjeň çemeleşmäniň kemala getirilmegine alyp barar we ýurdumyzyň dünýä bazaryndaky bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin daşary ykdysady işjeňligiň käbir görnüşleriniň artykmaçlyklaryndan doly peýdalanmaga mümkinçilik berer.

Daşary ykdysady işjeňligi kadalaşdyrýan milli kanunçylyk binýadyny mundan beýläk-de kämilleşdirmäge, diwersifikasiýalaşdyrmak arkaly daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmek üçin amatly hukuk, dolandyryş we maliýe gurşawyny kemala getirmäge we mundan beýläk hem kämilleşdirmäge ýokary derejede itergi berer.

Netijede, senagat-innowasion ösüş, «ýaşyl, aýlawly (sirkulýar) we sanly ykdysadyýete» geçiş meýillerini işjeňleşdirer, ýokary tehnologiýaly we ylma esaslanýan pudaklaryň döremegine, energetika we mineral serişdeleri netijeli ulanmak boýunça innowasion gurallaryň ornaşdyrylmagyna, milli ykdysadyýetiň durnukly we strategik ösüşini üpjün edýän önümçilik hem-de ulag-logistika zynjyrlarynyň ösdürilmegine şertler döredildiler.

Şeýle hem, Türkmenistanyň halkara ykdysady ulgamyna goşulyşmagy has-da pugtalandyrylar, ykdysady ugurdaky halkara guramalaryna, forumlaryna we ylalaşyklaryna işjeň gatnaşmak üçin mümkinçilikler giňeldiler.

Mundan başga-da, Hereketler meýilnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ähli döwlet edaralaryna, şeýle hem hususy ulgama, ykdysady ugurdaky halkara guramalary babatynda bir bitewi merkezleşdirilen syýasaty alyp barmaga mümkinçilik berer hem-de bu işi netijeli meýilleşdirmäge, özara utgaşdyrmaga we gözegçilik etmäge ýardam berer.

## V bap. Hereketleriň meýilnamasyny durmuşa geçirmegiň maglumat üpjünçiligi

Ykdysady umumylaşmanyň häzirki şertlerinde hyzmatdaşlygyň aç-açan, netijeli we üstünlikli bolmagy köp derejede dogry ýola goýlan maglumat üpjünçiligine bagly bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen ýola goýlan hyzmatdaşlygy giňden ýaýmakda çäreler geçiriler. Ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyga bagyşlanan makalalary metbugat sahypalarynda yzygiderli ýerleşdirmek, baý mazmunly gepleşikleri taýýarlamak we teleýaýlymlaryň üsti bilen jemgyýetçilik köpçüligine ýetirmek boýunça ulgamlaýyn işler ýola goýlar.

Türkmenistanyň degişli ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmekde ýetilen sepgitleri teleýaýlymlar arkaly diňleýjilere we tomaşaçylara ýetirmek boýunça netijeli işler alnyp barlar.

Ýurdumyzyň degişli bilim edaralarynda ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyga bagyşlanan ýörite amaly we tanyşdyryş okuw sapaklary, pikir alyşmalar yzygiderli esasda guralar.

## VI bap. Daşary syýasat goldawy

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi Hereketleriň meýilnamasyny durmuşa geçirmekde amatly daşarky şertleri döretmek boýunça işleri dowam etdirer.

Ýurdumyzyň daşary syýasatyny alyp barýan ygtyýarly edara hökmünde Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara syýasatyndaky başlangyçlaryny ykdysady ugurdaky halkara guramalarynyň meýdançalarynda öňe sürmek boýunça alyp barýan işlerini dowam etdirer.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi milli bähbitlerden ugur almak bilen, Türkmenistanyň Prezidentine we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine degişli teklipleri berer hem-de öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde halkara şertnamalarynyň we borçnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi we işleri amala aşyrar, ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy ilerletmek boýunça zerur çäreleri başlamakda we olary durmuşa geçirmekde netijeli işleri alyp barar.

Türkmenistanyň Prezidenti we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşmak arkaly, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy berkitmek boýunça ilkinji nobatdaky işleri guramak boýunça çäreleri görer, şeýle hem bu ugurda ýurduň degişli ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işini utgaşdyrar.

Hereketler meýilnamasynyň durmuşa geçirilmegine Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary hem öz gezeginde işjeň gatnaşar.

Ýurdumyzyň milli bähbitlerine esaslanyp, Türkmenistanyň ykdysady ugurdaky halkara guramalarynyň ählumumy we sebitleýin taslamalaryna hem-de başlangyçlaryna gatnaşmagy, şeýle hem köptaraplaýyn halkara konwensiýalaryna we şertnamalaryna goşulyşmagy boýunça işler dowam etdiriler.

## VII bap. Jemleýji

Garaşsyzlygyna eýe bolan gününden bäri Türkmenistan ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen ýakyn hyzmatdaşlygy ýola goýup, dürli ugurlarda bilelikdäki amala aşyrylan işleriň netijesinde baý tejribe toplady.

Türkmenistan Ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen ýakyn hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmegi göz öňünde tutup, ählumumy we sebitleýin derejede ykdysady gün tertibindäki möhüm meseleleriň oňyn çözgüdini tapmaga öz goşandyny goşmagy hem-de içerki durmuş-ykdysady wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmegi maksat edinýär. Şeýle wezipeleriň hataryna milli ykdysadyýetiň ösüşini çaltlandyrmak we diwersifikasiýalaşdyrmak, «ýaşyl, aýlawly (sirkulýar) we sanly ykdysadyýete» geçmek, ýerli çig mal serişdeleriniň we harytlaryň eksportynyň artdyrylmagyny höweslendirmek, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, maýa goýum işjeňligini goldamak, dolandyryş ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, adam maýasyny ösdürmek, daşky gurşawa ýetirilýän oňaýsyz täsiri peseltmek we energiýa serişdelerini sarp etmegiň netijeliligini ýokarlandyrmak ýaly işler girýär.

Türkmenistan Hereketleriň meýilnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýurduň daşary ykdysady işini kadalaşdyrýan milli kanunçylyk namalaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmäge, daşary ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak we ösdürmek üçin zerur bolan hukuk, dolandyryş we maliýe gurşawyny kemala getirmäge we yzygiderli kämilleşdirmäge, daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary we maliýe institutlary bilen özara peýdaly gatnaşyklary has-da işjeňleşdirmäge ýardam eder diýip hasaplaýar.

Ykdysady ugurdaky halkara guramalary bilen ýola goýulýan ýakyn hyzmatdaşlyk ýurdumyza howanyň üýtgemegi, ilatyň hal-ýagdaýy we deňsizligi ýeňip geçmek ýaly umumadamzat we sebit ähmiýetli ykdysady meseleleri bilelikde çözmekde täze mümkinçilikleri açar.

Hereketleriň meýilnamasy orta möhletli döwürde daşary ykdysady işiň ösmegini goldamak boýunça toplumlaýyn milli ulgamy kemala getirmäge hem ýardam berer, bu ulgam özüniň düýp esasynda netijeli institutlara we işjeň goldaw usullaryna daýanýar

hem-de Türkmenistanyň ykdysady subýektleriniň dünýä we sebit bazarlarynda alyp barýan işiniň gerimini giňeltmeklerinde amatly şertleri döretmegi üpjün eder.

Türkmenistan ykdysady ugurdaky halkara guramalarynyň şu Hereketler meýilnamasyny bilelikde durmuşa geçirmek üçin ýardam berjekdiklerine we zerur tagallalary etjekdiklerine bil baglaýar.

Şu Hereketler meýilnamasynda göz öňünde tutulan maksatlary we wezipeleri 2026–2028-nji ýyllar aralygynda durmuşa geçirmek meýilleşdirilýär.